# Gurhanyñ sözi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gurhanyñ sözi GURHANYÑ SÖZI

Dünýädäki depderleriñ seresi,
Mukaddes kitabyñ – Gurhanyñ sözi.
«Kulhualla» sürelerniñ süresi,
Mukaddes kitabyñ – Gurhanyñ sözi.

Başlangyç süresi – onuñ alhamdyr,
Aýat, doga bendelerne melhemdir,
Muhammediñ ummatyna ylhamdyr,
Mukaddes kitabyñ – Gurhanyñ sözi.

Aby-köwser suwdan ganyp içmäni,
Gylsyrat köprini, dowzah, uçmany,
Ýada salar bendä ondan geçmäni
Mukaddes kitabyñ – Gurhanyñ sözi.

Dünýäniñ eýesi – Rebbil Älemin,
«Kun» diýende dörän, asman-u-zemin,
«Peýekun»-da – Tetjal geler sil kimin
Mukaddes kitabyñ – Gurhanyñ sözi.

Oña uýmadyklar Allaga ýatdyr,
O dünýe, bu dünýe iki berbatdyr,
Durky bilen Keramatdyr – Gudratdyr
Mukaddes kitabyñ – Gurhanyñ sözi.

Atageldi SALYHOW,
Murgap etraby. Goşgular